“TASSYKLAÝARYN”
Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň direktorynyň
w.ý.ý. ________ Ş.Nurgeldiýew
“12” noýabr ________ 2022ý.

**Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň okuw bölüminiň hünärmeniniň wezipe borçlary**

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. Okuw bölüminiň hünärmeni okuw-ýardam beriji işgärler düzümine degişlidir.

1.2. Bu resminama okuw bölüminiň hünärmeniniň wezipe borçlaryny, hukuklaryny we jogapkärçiligini kesgitleýär.

1.3. Okuw bölüminiň hünärmeni wezipesine iş tejribesine talaplary görkezmezden orta hünär bilimine eýe bolan raýatlar bellenip bilner.

1.4. Okuw bölüminiň hünärmeni mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen wezipä bellenýär we işden boşadylýar.

1.5. Okuw bölüminiň hünärmeni bilmeli:

- bilim işini kadalaşdyrýan kanunlary we kadalaşdyryjy hukuk namalary;
- dolandyryş resminamalaryny ýöretmegiň düzgünlerini we gözükdirijilerini;
- mekdebiň gurluşyny, onuň işgärler düzümini;
- iş otagynyň enjamlary: telefon, faks, kserokopiýa, skaner, kompýuter bilen işlemegiň düzgünlerini;
- tekst redaktorlary we elektron tablisalary, maglumat bazalary, elektron poçta, brauzerler bilen işlemegiň düzgünlerini;
- resminamalary döretmegiň, gaýtadan işlemegiň, geçirmegiň we saklamagyň tehnologiýalaryny;
- gulluk hatlaryny ýazmagyň düzgünlerini;
- guramaçylyk we dolandyryş resminamalarynyň döwlet standartlaryny;
- etikanyň we estetikanyň esaslaryny;
- işewürlik edebiniň düzgünlerini;
- içerki zähmet düzgünlerini;
- zähmeti goramagyň we ýangyn howpsuzlygynyň düzgünlerini.

1.6. Okuw bölüminiň hünärmeni işini alyp barmakda esaslanýar:

- mekdebiň Tertipnamasyna, mekdebiň direktorynyň buýruklaryna we görkezmelerine;
- resminamalary taýýarlamak we ýerine ýetirmek, olar bilen işlemegiň düzgünlerini kadalaşdyrýan esasy usuly gözükdiriji resminamalara;
- dolandyryş resminamalry boýunça gözükdirijilere;
- mekdebiň içerki zähmet düzgünlerine;
- bu resminama.

1.7. Okuw bölüminiň hünärmeni ýok wagtynda (kesel, dynç alyş we ş.m.) onuň wezipelerini mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen bellenen adam ýerine ýetirýär.

## II. IŞINIŇ ESASY UGURLARY

2.1. Okuw sapaklarynyň rejesini düzmek we okuw sapaklaryny çalyşmak.

2.2. Okuw işiniň çyzgydyny we okuw toparlarynyň žurnallaryny taýýarlamak.

2.3. Mugallymlar tarapyndan ýerine ýetirilýän sagatlary hasaba almak.

2.4. Mekdebiň talyplarynyň aralyk we gutardyş döwlet synaglaryny guramaga gatnaşmak.

2.5. Mekdebiň kabul ediş toparynyň işine gatnaşmak.

2.6. Mekdebiň talyplar düzümi bilen baglanyşykly buýruklaryň taslamalaryny taýýarlamak.

## III. WEZIPE BORÇLARY

Okuw bölüminiň hünärmeni şu aşakdaky borçlary ýerine ýetirýär:

3.1. Bölümiň dolandyryş resminamalary boýunça işini, şol sanda elektron görnüşinde hem alyp barýar.

3.2. Okuw sapaklarynyň tertibini we okuw sapaklaryny çalşylmagyny işläp düzýär.

3.3. Okuw işleriniň çuzgydyny, maslahat beriş okuwlarynyň tertibini düzýär.

3.4. Okuw toparlary üçin žurnallary işläp düzmek we taýýarlamak işine gatnaşýar.

3.5. Mugallymlar tarapyndan ýerine ýetirilen sagatlary kesgitlenen görnüşde hasaba alýar.

3.6. Mekdebiň talyplarynyň aralyk we gutardyş döwlet synaglaryny gurnamaga gatnaşýar.

3.7. Mekdebiň kabul ediş toparynyň işine gatnaşýar.

3.8. Hasap we hasabat resminamalary üçin arzalary taýýarlaýar.

3.9. Arhiw üçin gulluk resminamalaryny gaýtadan işleýär we işläp düzýär.

3.10. Mekdebiň mugallymlary, bölüm müdirleri, işgärler bölümi, buhgalteriýa bölümi bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär.

3.11. Bu resminama goşulmadyk, ýöne önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly ýüze çykan mekdebi ýolbaşçylarynyň beýleki tabşyryklaryny ýerine ýetirýär.

## IV. HUKUKLARY

4.1. Mekdebiň bolümlerinden öz işini amala aşyrmak üçin zerur bolan maglumatlary almaga;

4.2. Ýolbaşçylara mekdebiň dolandyryş resminama işleri we okuw bölümi boýunça teklipleri bermäge;

4.3. Ýolbaşçylardan wezipe borçlaryny ýerine ýetirmekde ýardam soramaga.

## V. JOGAPKÄRÇILIGI

Okuw bölüminiň hünärmeni jogapkärçilige çekilýär:

5.1. Bu resminamada görkezilen wezipe borçlaryny ýerine ýetirmedigi ýa-da nädogry ýerine ýetirendigi üçin Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda kesgitlenen çäklerde.

5.2. Işini ýerine ýetirmekde düzgün bozmalara ýol berendigi üçin Türkmenistanyň administratiw, jenaýat we raýat kanunlary bilen kesgitlenen çäklerde.

5.3. Maddy taýdan ýetiren zyýany üçin Türkmenistanyň zähmet, jenaýat we raýat kanunlary bilen kesgitlenen çäklerde.

5.4. Şahsy maglumatlar barada kadalaşdyryjy namalaryň talaplaryny, şeýle hem şahsy maglumatlar bilen işlemegiň we goramagyň tertibini düzgünleşdirýän mekdebiň içerki düzgünleriniň talaplaryny ýerine ýetirmedigi üçin Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyň çäklerinde.

5.5. Bu resminamada, mekdebiň ýolbaşçylarynyň görkezmeleri, buýruklary bilen göz öňünde tutulan wezipelerini we borçlaryny, şeýle hem bu resminama goşulmadyk, ýöne önümçilik zerurlyklary sebäpli ýüze çykan işleri ýerine ýetirmedigi we beýleki jenaýatlar bilen baglanyşykly işleri üçin - Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda: duýduryş, temmi çäre, işden boşatmak.

## VI. HYZMATDAŞLYGY

6.1. Mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanan 40 sagatlyk iş hepdesiniň esasynda düzülen tertip boýunça işleýär.

6.2. Her okuw ýyly we ýarymýyllyklar üçin işini özbaşdak meýilleşdirýär. Iş meýilnamasy meýilleşdirilen möhletiniň başlamagyna bäş gün galmanka mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanýar.

6.3. Bölüm ýolbaşçylardan kadalaşdyryjy, hukuk, guramaçylyk we usulyýet häsiýetli resminamalar barada maglumatlary alýar we degişli resminamalar bilen tanyşanlygy barada bellik edýär.

6.4. Direktoryň orunbasary we beýleki bölümleriň işgärleri bilen öz ygtyýarlygyndaky meseleler boýunça yzygiderli maglumat alyşýar.

6.5. Gizlinligi (konfedensiallygy) saklaýar.